**Moskwanyň we ähli Rusuň Patriarhy KIRILLIŇ**
**arhipastyrlara, ruhanylara, diakonlara, monahlyk edýänlere we**
**Rus Prawoslaw Buthanasynyň ähli wepadar perzentlerine**
**Pasha ýüzlenmesi**

**Hudanyň eý görýän Merhemetli arhipastyrlary, akýürekli preswiterler we diakonlar, hudaýa tagzym edýän inoklar, gadyrly doganlar we uýalar!**

**MESSIH DIRELDI !**

Tabytdan Ör galan Halas Ediji barada şatlykdan ýagtylan ýüregim bilen Siziň hemmäňizi şu ýaşaýyşy ykrar ediji sözler bilen garşy alýaryn hem-de baýramçylyklaryň naýbaşy baýramy bolan Hudaýyň Pashasy bilen gutlaýaryn.

Şu gün biz Sizi ynamyň uly baýramyna, ruhuň beýik dabarasyna çagyrýarys. Hudaýyň ýeke-täk Perzendi bu dünýä gelip, köp horluklara, hatda haçda ölüme sezewar boldy, ýöne Arşdaky Atasynyň emri bilen tabytdan Ör galdy! Isa direldi – “ýeňiş ölümden üstün çykdy” (1 Kor.15, 54)! Ol direldi – bütin Älem muňa şatlanýar! Hudaý dowzahy ýok etdi we şeýtanyň hökümdarlygyny puja çykardy. Bularyň barysy Ynsan Söýüji Hudaý tarapyndan amala aşyryldy, Ol muny Bizi Isa Messihiň mysalynda ogullyga almak üçin amala aşyrdy, Biz Onuň Gany bilen günämiziň geçilmegini gazandyk (Ýef.1,4 – 5;7).

Messihiň ölümiň hötdesinden gelmegi – bu diňe ruhy bir hakykat däl-de, bizi gurşap alan jismi hakykatdyr. Isa Taňry hakykatdan-da ähli adamlary halas etmek üçin bütin bedeni bilen jana girdi. Onuň direlmegi bilen ölüm yzyna tesmezlik häsiýetini ýitirdi, Messihe ynananlara bolsa, hemişelik durmuşda dogulmak mümkinçiligi berildi, olaryň öňünde Arşa, Hudaýyň raýatlygyna gapy açyldy.

Messih üçin jebir çeken ruhanylar islendik sütemlere mertlerçe döz geldiler. Munuň özi tötänden däl. Öňler beýik dindarlar hem ölenler barada wepat boldy diýip gam-gussa çekseler, Hudaýymyz Messih direlenden soň olar üçin ölümden gorky zym-zyýat boldy. Mukaddes Beýik Afanasiý ajaýyp sözler bilen beýan edýär: şol günden başlap ähli Messihe ynanýan adamlar oňa (ölüme) hiç bir pitiwa bermeýärler, çünki olar ölen wagtynda wepat bolmaýandygyny bilýärler, ýaşamagyny dowam edýärler we jan gelende bedensiz ýaşaýyşa mynasyp bolýarlar (Hudaýyň Senada beýanyny tapmagy we Onuň hut Özüniň janly gelmegi barada Kelime). Rus Buthanasynyň ejir çekýän täze dindarlary hem aýdyň gaýduwsyzlygyny bize mysal goýdular, olar XX asyrda diniň yzarlanmalaryna garşy toba ediji dindarlaryň jebirli täçlerini hiç bir gorkusyz kabul etdiler.

Şu gün dünýämiz barha Injil hekaýatyndaky akylsyz baýa (seret: Lk. 12, 16-21) çalymdaş bolup barýan ýaly, bol-elinlik, elpe-şelpelik şowlulyk we uzak ömür

adam durmuşynyň esasy gymmatlyklary diýip ykrar edilýär, muňa garamazdan Halas Edijiniň şägirtleri we yzyna eýerijileri apostol Pawelden soň gaýduwsyzlyk bilen şaýatlyk edýärler: biziň üçin ýaşaýyş – Messihdir (Flp. 1,21), ölüm bolsa – durmuşyň soňy däldir. Biz muny ykrar edýäris we muňa ynanýarys, çünki bilýäris: Hudaý adam kalbyny müdimilik ýaratdy.

Biz köplenç gündelik hysyrdylara we aladalara gümra bolmak bilen göwün körlügine uçraýarys, durmuşymyza Hudaýyň gatnaşýandygyny tassyklaýan galkyndyryjy güýjüni görmegi we bilmegi başarmaýarys! Ýöne Pasha döwri – aýratyn bir pursatdyr. Şol günler hatda howanyň özi hem hiç bir zat bilen deňeşdirip bolmaýan Pasha şatlygyna gaplanandyr, Hudaýyň mähri we şepagaty bolsa her bir adamyň kalbyny püre-pür doldurýar.

Şular ýaly ajaýyp we şugla saçýan baýramçylyk dabarasyna girmek bilen, biz Direlen Isa Taňrynyň üstünden adamlaryň kabul eden beýik peşgeşine diňe bir sözümiz däl-de, işlerimiz bilen hem şaýatlyk etmelidiris. Daş-töweregimizdäkiler bilen Injiliň şatlykly habaryny paýlaşalyň, öz ýakynlarymyzy söýgümiz, aladamyz we bütin ünsümiz bilen gurşap alalyň, biziň kömegimize we duýgudaşlygymyza mätäç bolan her bir adama ýagşylyk paýlalyň. Tabytdan Ör galan Halas Edijini hoşallyk sözleri we minnetdarlykdan doly kalbymyz bilen wasp etmek arkaly, diňe şu ýol bilen durmuşymyzda ýol alan Pasha gudratynyň mirasdarlaryna öwrülýäris hem-de özümizi gaýduwsyzlyk bilen biziň ählimize öz çensiz-çäksiz mährini beren Hudaýyň ogullary we gyzlary hökmünde atlandyrýarys.

Mukaddes we ýagtylyk paýlaýan Pasha baýramy bilen tüýs ýüregimden Sizi gutlaýaryn we öwran-öwran size şatlykly salamymy gönderýärin:

MESSIH DIRELDI!

MOSKWANYŇ WE ÄHLI RUSUŇ PATRIARHY

Moskwa
Messihiň Pashasy
2018-nji ýyl